# Haj nähilidi we nähili hala geldi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Haj nähilidi we nähili hala geldi? HAJ NÄHILIDI WE NÄHILI HALA GELDI?




*Ýagdaý umuman alanda üýtgedi. Adam oglunyñ her dürli muşakgatlar bilen eda eden haj zyýaraty häzir keýpine barylyp-gelinýän turistik gezelenç ýaly bolup galdy.*
Biri maña ýetmiş ýyl öñ eden haj zyýaratyny gürrüñ berende şeýle diýipdi:
– Minada ýok diýerlik derejese az bolandygy üçin ýakynlarda suw tapanymyzdan soñ yhramly ýagdaýda Mina gitdik. Ol ýer giñiş we gür agaçly ýer. Aýallar üçin aýry, erkekler üçinem aýry bir çadyr gurduk. Aýakýoluna gitmek isleýän kişi daglara ýa-da uly agaçlaryñ aşagyna gitmelidi. Dokuzlanjy gün irden birnäçe gerekli paty-putymyzy we çadyrlardan birini alyp, yhramly görnüşde «Lebbeýk» zikri bilen Arafata tarap ýola düşdük. Arafata barýan ýol hyryn-dykyndy. Dyknyşyk awtoulaglaryñ köplüginden däl-de, köçeleriñ azlygyndan bolýardy. Baýramyñ birinji gününde kakam bilen bile gurbanlyk mal almaga gitdik we göwnümize ýaraýjagyny gözläp başladyk. Her birimize bir goç alsak näder?
Biz aýlanyp ýörkäk öñümizden sarç öküzleriñ biri çykdy. Janawer ýykylyp-turup saga-sola çarp urýardy. Boýnunda birnäçe pyçak dürterip durdy, zogdurylyp gan akýardy. Adamlar ondan

aman sypjak bolup eýläk-beýläk urundylar.
Men gaçyp barýarkam bir aýagym bilen şol ýerde ýatan gurbanlyk mallaryñ biriniñ garnyna basypdyryn. Ol wagtlar häzirki ýaly taşlanan etleri ýygnaşdyryp garyp-gasarlara ýollaýan haýyr-sahawat guramalary ýokdy. Şoñ üçinem yhramym garagäz boldy, ýere ýykylmagymyñ zarbyna bilimem agyrtdym. Şoña-da şükür…
Oña «Şony senem başyñdan geçir» diýjeg-ä bolamok, ýöne şeýle diýjek bolýaryn:
Büdräp ýykylmagyñ we biliñi agyrtmagyñ seniñ ýülünmegiñdir.
Ýagdaý umuman alanda üýtgedi. Adam oglunyñ her dürli muşakgatlar bilen eda eden haj zyýaraty häzir keýpine barylyp-gelinýän turistik gezelenç ýaly bolup galdy.
Size käbir ýeñillikli hyzmatlary sanap bereýin:
Iñ soñky model otlylar we awtobuslar bilen döwrebap transport serişdeleri, hajylaryñ hajylary gyzyklandyrýan ýa-da zerurlyk duýýan ähli ýerleri, desgalary we hyzmatlary añsat tapmalaryna ýardam edýän döwrebap tehnologiýa, pyýadalar we awtoulaglar üçin hereketi iñ añsat ýagdaýa getirýän çeýe hereket meýilnamasy, toparyñ yzyndan gitmegi añsatlaşdyrýan asmandan synlama, myhmanhana şertlerine eýe döwrebap jaýlar we myhmanhanalar, azyk serişdelerini hajylara täzeligi bilen añsat iýer ýaly arassa görnüşde azyk-konserwa zawodlaryndan döwrebap ýollar bilen azyk üpjünçiligi.
Hudaýýoly aýdylan we gurbanlyk mallar üçinem diñe puly tölenýär we gurbanlyk bermäge laýyk adamlara gowyşýança ähli işi hajylaryñ ynanýan hünärmen ygtyýarlylary alyp barýar.
Şeýtan daşlama meselesinde-de indi daş çöplejek bolup ýörmegiñ geregi ýok, her bir zyñjak daşyñyz size ýörite gaplanan haltajyklarda berilýär.
Bir etmeli zadyñyz – wagtyñ köplüginden, howada gaýmalaşýan aýakgapdyr çepeklerden we şeýtana aýdylýan gargynç-sögünçlerden uzagrak bir ýerde ykjam durup ýaltanman şeýtany daşlaýmak galýar.

Meşal SUDEÝRI.

Çarşenbe, 28.06.2023 ý. Publisistika